# Çapraz ykbal

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Çapraz ykbal ÇAPRAZ YKBAL

Aýralygyň ajysy köp bolsa-da,
Muhabbete janym barka talaş men
Hatda seniň beren gussalarňy-da,
Gedaý bolsam, altyn pula çalyşman

Asylsa asylsyn umydam dardan,
Kime näme?
Hiç kim oňa bakmazam.
Entek dogulmanka gömlen arzuwlam,
Görogly deý göründenem çykmazam.

Emma, men barybir sada söýgimi,
Duýgy bilen taraşladym, besledim.
Ýer alansoň dört pasylda aýralyk,
Söýgi üçin bäşinjini isledim…

Isledim men, azajygam bolsa-da
Bile ynam bilen göreşmegiňi
Dolduryp sabyrdan sabyr käsäni,
Dökmän, soňuna çen garaşmagyňy

Ýöne…
Çapraz ykbalmyzy diýsene,
Uzakda sen, bagra basyp guçardan
Bagtymyza bile gideris öýtdüm,
Men otly saýladym, a sen uçarda.

Ylham GURBANALYÝEW.

2022. Goşgular